**Häzirki wagtda bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda daşary ýurt dilleriniň orny barha artýar. Hususan-da, lukmançylyk ýaly jogapkärçilikli we halkara derejesinde yzygiderli ösüş talap edýän ugurda daşary ýurt dilini bilmek aýratyn ähmiýete eýedir. Şol dilleriň hatarynda rus dili möhüm orun eýeleýär.**

Rus dili diňe bir giň dil giňişliginde ulanylýan aragatnaşyk serişdesi bolman, eýsem, lukmançylyk boýunça dünýä tejribesini özünde jemleýän baý dil hem bolup durýar. Ýewraziýa giňişligindäki ýurtlaryň köpüsinde rus dilinde çap edilýän ylmy edebiýatlaryň, kliniki gollanmalaryň sany örän köpdür. Şeýle çärelerde gatnaşmak, häzirki zaman lukmançylyk bilimlerinden habardar bolmak üçin rus dilini bilmek zerur şertleriň biri bolup durýar.

Şular bilen baglylykda, Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Dünýä dilleri kafedrasynda rus dili sapaklary häzirki zaman pedagogik çemeleşmeleri esasynda alnyp barylýar. Okuwlaryň gurluşy diňe bir dil endiklerini ösdürmäge gönükdirilmän, eýsem, talyplaryň hünär aýratynlyklaryna laýyklykda işlenip düzülýär. Şunda sapaklarda multimediýa serişdeleri, interaktiw testler we wideo-simulýasiýalar arkaly okuw işi has täsirli we manyly görnüşde geçirilýär. Bu bolsa talyplaryň diňlemek, okamak, ýazmak we geplemek başarnyklaryny deň derejede ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Uniwersitetimizde yzygiderli geçirilýän halkara forumlar, olimpiadalar we ylmy-amaly maslahatlar talyplara öz ukyplaryny görkezmäge mümkinçilik berýär. Bu çärelerde rus dilinde çykyş etmek, makala ýazmak, diňleýjiniň öňünde pikirini beýan etmek ýaly başarnyklar ösdürilýär. Şeýle çäreler, bir tarapdan, talyplaryň dil endiklerini kämilleşdirse, beýleki tarapdan, olaryň geljekde halkara ylmy giňişliginde işjeň gatnaşyjy bolmagyna mümkinçilik döredýär.

Rus dili — diňe bir daşary ýurt dili hökmünde däl, eýsem, lukmançylyk boýunça halkara tejribäniň, ylmy maglumatlaryň we hyzmatdaşlygyň bir bölegi hökmünde seredilmelidir. Ony netijeli öwretmek we öwrenmek bilen, geljekki lukmanlaryň dünýä bilen baglanyşykly, giň gözýetimli hünärmenler hökmünde ýetişmegine uly goşant goşup bileris.

**Göwher GARAJAÝEWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Diller kafedrasynyň öwreniji mugallymy.**

Все права защищены